**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

***— Ulagyň ähli görnüşleri bilen ýolagçy we ýük dolanyşygyny ösdürmek, halkara üstaşyr ulag mümkinçiligimizi doly ulanmak boýunça degişli işler amala aşyrylýar.***


# TÜRKMENIŇ ýüpek ýoly

2026-njy ýylyň 7-nji fewraly, şenbe.

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi * Hepdelik gazet № 6 (6344)




## ULAG ULGAMY WE DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER

Türkmenistanyň döwrebap ulag-üstaşyr düzümini hem-de aragatnaşyk ulgamyny çalt depginler bilen kemala getirmek babatda, Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek boýunça soňky ýyllarda ýetilýän belent sepgitler diňe bir milli ykdysadyýetimiziň ösüşine däl, eýsem, sebit we bütindünýä ösüşine kuwwatly itergi berdi. Hormatly Prezidentimiziň bu ugurda durmuşa geçirýän beýik işleri özüniň mynasyp miwesini berýär. Ýurdumyzda amala aşyrylýan işler mukaddes Garaşsyzlygymyzyň gazananlaryny berkidip, Bitaraplygymyzyň umumy kabul edilen ýörelgelerine gabat gelýär.

Mälim bolşy ýaly, Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda ýolagçylary gatnatmak, ýükleri daşamak hyzmatlary artýar we barha hil taýdan ýokarlanýar. Ýokary tehnologiýalaryň ösen eýýamynda bu pudak hem döwrüň talaplaryna laýyk tehnikalary ornaşdyrmakda we halkymyza hödürlemekde öňdäki orunlary eýeleýär.

Garaşsyz Türkmenistan Watanymyzyň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmagynda demir ýol ulaglary pudagynyň goşandy örän uludyr. Bu pudak güýçli depginler bilen ösdürilip, täze demir ýollary gurlup, ýolagçylary gatnatmak we ýükleri daşamak boýunça öňdebaryjy orny eýeläp, milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagynda aýratyn orny eýeleýär.

Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi tarapyndan 2019-njy ýylyň 1-nji iýunyndan başlap ýolagçylar üçin internet arkaly (onlaýn) ýol biledi satyn almaga mümkinçilik döredildi. Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň taýýarlan elektron programma üpjünçiligi arkaly ýa-da «railway.gov.tm» internet sahypasyndan peýdalanyp, ýolagçylar islendik wagt internet ulgamynyň üsti bilen özüne gerekli otly gatnawlary barada maglumat alyp bilýärler, şeýle hem ýolagçylara onda özüne gerekli orny saýlap almak mümkinçiligi hem bar. Bu onlaýn ulgamynyň işleýiş ýeňilligi aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

Şeýle-de Aşgabat şäherinde we ýurdumyzyň welaýat merkezlerinde hem-de stansiýalarda awtomatlaşdyrylan ýolagçy biletleri satýan terminallar oturdyldy. Ol ýerlerde enjamlaşdyrylan häzirki zaman tehnologiýasy ýolagçylar üçin uly amatlyklary döredýär.

2 »

## DÜNÝÄ DOLAN WATANYMYZ

**Mälim bolşy ýaly, ýakynda, has takygy, şu ýylyň 4-nji fewralynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda we Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde bolup, «At – myrat» okuw merkeziniň çagalary, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşdy. Gahryman Arkadagymyz çagalaryň hem-de ýaşlaryň öňünde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň başynda türkmen bedewleriniň şöhratynyň belende galýandygyny, milli sirk sungatynyň dünýä derejesine çykýandygyny alamatlandyran waka mynasybetli çykyş etdi. Milli Liderimiz bu ýerde çagalaryň atçylyga degişli hünärleri saýlap almaklary üçin hemme mümkinçilikleriň döredilendigini aýdyp, olarda bedewlere söýgini artdyrmak maksady bilen, okuw merkezine Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan 1 million 500 müň manat möçberinde pul sowgadyny gowşurdy.**

Biziň milli atşynaslyk sungatymyzy halkara derejelere ýetiren, pederlerimiziň seýisçilik sungatynyň gaýtalanmajak eserlerini dünýä bermek bilen çäklenmän, bedewleriň arassa ganlylygyny, olaryň ajaýyp häsiýetlerini, milli atşynaslyk medeniýetini ebedileşdirip, şu günlere gelip ýetendir. Türkmen ýigitleriniň uçar ganaty bolan bedewler ähli döwürde-de halkymyzyň buýsanjy bolupdyr. Biziň halkymyzda gadymy döwürlerden bäri ata sarpa goýmak däbi dowam edip gelipdir, olar kümüş we gymmat baha daşly şaý-sepleri gaýgyrmazdan atlaryny gözegelüwli edip bezäpdirler.

Bu aýdanlarymyzyň bu günki günde açyk-aýdyň delilnamasy bolup duran Türkmenistanyň teklip eden «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» atly milli hödürnamasynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi halkymyzda uly buýsanç döretdi. Ahalteke bedewleriniň idedilişi, köpeldilişi, seýisçilik sungaty barada döwletimiz tarapyndan uly alada edilýär. Seýisçiligiň ýörite mekdebi saklanyp gelinýär, bu ugurda ýokary bilim berilýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde türkmen bedewiniň milli baýramy döredilip, bedewler bilen baglanyşykly köp sanly çözgütler kabul edildi. Olarda türkmen bedewleriniň seçgitohumçylyk işlerini kämilleşdirmek, atçylyk sportuny ösdürmek, halkara atçylyk sport ýaryşlaryna gatnaşmak, türkmen atçylygynda bar bolan beýleki gaýragoýulmasyz işleri amal etmek, atçylyga degişli ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça çäreleri üpjün etmek bellenildi.

2007-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň hut özüniň

2 »



## BUÝSANÇLY SEPGITLERIŇ BEÝANY



Halkymyzyň, şol sanda ýaş nesilleriň saglygyny goramak we berkitmek bilen bagly işleriň saglygy goraýyş ulgamynyň esasy wezipesidigini hem-de muňa döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde möhüm ähmiýet berilýär.

Paýtagtymyz Aşgabatda, Arkadag şäherinde we welaýatlarda hereket edýän iň kämil enjamlar bilen üpjün edilen döwrebap ylmy-kliniki, bejeriş, anyklaýyş merkezleriniň, saglyk öýleriniň, şypahanalaryň alyp barýan işleri ilatyň saglygyny goramaga we berkitmäge gönükdirilendir. Olarda keselleri anyklamak, bejermek, öňüni almak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Saglygy goraýyş ulgamynyň ösmeginde we onuň işiniň netijeli häsiýete eýe bolmagynda lukman Arkadagymyzyň il-ýurt bähbitli başlangyçlaryna has-da rowaçlyk berýän hormatly Prezidentimiziň tagallalaryny aýratyn bellemek gerek. Hut şonuň netijesinde, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamy häzirki ösen derejesine eýe boldy.

Häzirki wagtda gözel Diýarymyzda zamanabap saglygy goraýyş binalary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Şeýle hem täze saglygy goraýyş binalarynyň gurluşygy dowam edýär. Aşgabat şäherinde Halkara pediatriýa merkeziniň, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Stomatologiýa merkeziniň, Arkadag şäherinde lukmançylyk klasteriniň, «Arçman» şypahanasynyň täze goşmaça binalar toplumynyň gurluşyklarynyň dowam etmegi, şeýle hem hormatly Prezidentimiziň 2025-nji ýylyň oktýabr aýynda gol çeken Kararlaryna laýyklykda, Aşgabat şäherinde 500 orunlyk köpugurly hassahananyň, Tejen etrabynyň Tejen şäherinde 300 orunlyk köpugurly hassahananyň, Daşoguz şäherinde 400 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň gurluşygyna badalga berilmegi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek we onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, ilata edilýän saglygy goraýyş hyzmatlaryny has-da kämilleşdirmek baradaky aladany aýan edýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda eziz Watanymyzyň milli saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda ägirt uly ösüşler gazanyldy. Bu işleriň beýany türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly kitabynda anyk maglumatlar bilen aýdyň şöhlelendirilýär. Bu kitap 22 bölümden ybarat bolup, ol «Il saglygy – ýurt baýlygy» atly bölüm bilen açylýar. Eziz Diýarymyzda bu atalar sözi milli saglygy goraýyş ulgamynyň şygaryna öwrüldi. Bu kitaby okap, «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmeginden bäri geçen 30 ýylyň dowamynda milli saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmekde gazanylan üstünlikleriň örän guwandyryjydygyna doly göz ýetirmek bolýar.

Gahryman Arkadagymyz: «Saglygyň höküm sürýän ýerinde

2 »

# ULAG ULGAMY WE DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER

«1 Müşderilere berilýän hyzmatlaryň görnüşleri we hili barada gürrüň edileninde, Android we iOS programmalarynda işleýän enjamlar üçin göz öňünde tutulan mobil goşundylaryny aýratyn ýatlap geçmek bolar. Ilata edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, raýatlaryň wagtyny tygşytlamak, öýlerinden ýa-da iş orunlaryndan gitmezden, ýolagçy petekleri üçin buýurmalary bermek mümkinçiliklerini gowulandyrmak babatda bu mobil goşundylarynyň peýdasy örän uludyr. Bu mobil goşundylar ýolagçy peteklerini elektron görnüşde buýurmak, olardan peýdalanmak mümkinçilikleri bilen birlikde demir ýol ulgamy boýunça amala aşyrylan sapar hakynda maglumatlary elektron görnüşde saklap galmaga hem ukyplydyr. Bu mobil goşundylary diňe bir raýatlaryň oňaýly hyzmatlardan peýdalanmak mümkinçiligini göz öňünde tutmak bilen çäklenmän, gullugyň hasabat we hasabatlylyk, hukuk, guramaçylyk, ykdysady we maddy binýatlaryny berkitmekde hem peýdalydyr.

Häzirki zaman innowasion sanly ulgam tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy gullugyň hünärmenlerine demir ýol gatnawlarynyň tertibine, wagtyna, howpsuzlyk ýagdaýlaryna elektron gözegçiligi amala aşyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Elbetde, bu işleri ýokary derejede alyp barmakda ýurdumyzyň demir ýol ulgamyna häzirki zaman optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň ornaşdyrylmagy ýokary derejede ähmiýetli boldy diýip aýtmak bolar.




Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli tagallalary esasynda ulag ulgamynyň ösdürilmegi hem-de bu ugurda halkara hyzmatdaşlygynyň ýaýbaňlanmagy ýurdumyzyň ösüşleriniň ygtybarly kepili bolup durýar. Türkmenistan Ýewraziýa giňişliginde strategik durnuklylygyň möhüm merkezi hökmünde tanalmak bilen, gyzyklanma bildirýän ýurtlaryň ählisi üçin ygtybarly hyzmatdaş hem-de şol bir wagtyň özünde ýyklymara ähmiýetli ulag-üstaşyr merkezi hökmünde wajyp orny eýeleýär. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzyň çäginde we ondan daşarda ulag ýollarynyň gurulmagy Türkmenistanyň multimodal logistika ulgamynyň ösüşiniň möhüm tapgyryny alamatlandyrýar.

**Nurgeldi MUHAMEDKULIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.**

# TÜRKMENIŇ KALBYNDA PYRAGYNYŇ KEŞBI

ÖSÜŞLERE BESLENÝÄN DÖWRÜMIZDE GÜNDOGARYŇ BEÝIK AKYLDARY MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ADYNY MILLI SUNGATYMYZDA EBEDILEŞDIRMEK BABATDA HEM ULY IŞLER ALNYP BARYLÝAR. BU UGURDA SURATKEŞ-NAKGAŞLAR, HEÝKELTARAŞLAR BILEN BIR HATARDA, KINO SUNGATYNDA ÝERINE ÝETIRILÝÄN ESERLERIŇ HEM GERIMI BARHA GIŇEÝÄR.




Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň geljegi nazarlaýan umumadamzat bähbitli başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde türkmen edebiýatynyň öňbaşçysy Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň dünýä dolan şöhratyny has-da beýgeltmek, ony giňden wagyz etmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak baradaky işler giň gerime eýe bolýar. Beýik akyldar, filosof Magtymguly Pyragynyň «Berkarar döwlet islärin» diýip, halkymyzyň agzybir, asuda we abadan durmuşda ýaşamagy hakynda eden arzuwlary döwletimiziň Garaşsyzlyga eýe bolmagy bilen doly hasyl boldy. Çünki dünýä medeniýetiniň baý genji-hazynasyna öwrülen akyldaryň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan eserleri hem-de filosofiki garaýyşlary, agzybirlik, sahawatlylyk hakyndaky pikirleri, öwüt-ündewleri türkmen jemgyýetiniň kämilligine, halkymyzyň häzirki we geljekki nesilleriniň ruhy sagdynlygyna gönükdirilen döwlet syýasatynyň esasy bolup durýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda heýkeltaraşlyk işleri giň gerim bilen ýaýbaňlandy. Bu döwürde heýkeltaraşlar Babasary Annamyradow, Saragt Babaýew, Agameret Garaýew, Nurmuhammet Ataýew, Seýit Artykmämmedow, Ýedi Madatow ýaly ussatlar üstünlikli işleri alyp bardylar. Şeýlelikde, ýurdumyzyň birnäçe ýerlerinde, şeýle hem Ukrainanyň Kiýew şäherinde, Russiýa Federasiýasynyň Stawropol ülkesinde, Astrahan şäherinde, Türkiýe Respublikasynyň Ankara şäherinde, Özbegistanyň Daşkent şäherinde we ýene-de birnäçe ýurtlarda Magtymguly Pyragynyň ýadygärlikleri oturdyldy.

Şeýle-de paýtagtymyzyň günorta böleginde Magtymguly Pyragynyň ajaýyp heýkeli we medeni-seýilgäh toplumynyň gurlup ulanmaga berilmegi aýratyn buýsandyrdy we şahyryň keşbini halkymyzyň kalbyna müdimilik siňdirdi.

Beýik akyldaryň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi hem birnäçe filmleri döretdi. Bulardan başga-da, birleşik Özbegistanda, Azerbaýjanda, Eýranda, Türkiýede, Gazagystanda, Gyrgyz Respublikasynda dokumental filmleri surata düşürdi. Şahyryň onlarça goşgularyna saz döredilip, aýdym edilip aýdylmagy bolsa onuň şygyrlaryny asyrlardan asyrlara aşyrýar.

Milli sungatymyzda dana Pyragynyň şahyrana keşbini döretmekde giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Batyrmyrat ANNANEPESOW,**
**Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň mugallymy.**

Nusgalyk ýol-ýörelge

# BUÝSANÇLY SEPGITLERIŇ BEÝANY




«1 geljege ynam hem güýçlüdir. Çünki saglyk geljegi gurmakda iň esasy sütündir» diýip, bu kitapda belläp geçýär. Döwletimiz tarapyndan saglygy goraýyş ulgamyna uly ähmiýet berilýär, her bir ugurda işler meýilnamalaýyn alnyp barylýar. Jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgeleri giňden ornaşdyrylýar, keselleriň öňüni almak boýunça giň gerimli guramaçylyk işleri geçirilýär. Aşgabat we Arkadag şäherlerinde hem-de welaýatlarymyzda dünýä ölçeglerine laýyklykda enjamlaşdyrylan hassahanalar, saglyk öýleridir merkezleri, şypahanalar, sport toplumlary gurlup, ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Bular dogrusynda kitapda anyk maglumatlar bilen giňişleýin gürrüň edilýär.

Garaşsyzlyk döwründe milli derman senagatynyň ösüşinde uly özgertmeler boldy. Arkadag şäherinde gurulýan lukmançylyk klasteri sanlyja ýyldan milli derman senagatynyň önümçilik kuwwatlyklaryny ep-esli artdyrar. Kitabyň «Derman senagatynda ösüşler», «Ilatyň derman serişdeleri bilen üpjünçiligi» atly bölümlerinde degişli ugurda gazanylan üstünlikler beýan edilýär. «Melhemli şypahanalar» atly bölümde ýurdumyzyň şypahana ulgamynyň mümkinçilikleri barada durlup geçilýär. Saglygy goraýyş işgärleriniň hünär derejesiniň hem-de ulgamyň kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilişine hem ýörite bölümler bagyşlanypdyr. Kitap «Saglygy goramak döwletiň baş wezipesidir» atly bölüm bilen jemlenýär. Gahryman Arkadagymyzyň bu kitaby türkmen, iňlis we rus dillerinde giň okyjylar köpçüligine ýetirildi.

Ýurdumyzda gurlup ulanmaga berlen we öňden bäri hereket edýän hassahanalaryň, sagaldyş-dikeldiş merkezleriniň, saglyk öýleriniň, şypahanalaryň ösen sanly tehnologiýalar, ylmyň soňky gazananlary, daşary ýurtlaryň öňdebaryjy kompaniýalarynyň kämil lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilmegi, şonuň bilen birlikde ulgamda netijeli durmuşa ornaşdyrylýan işler ynsan saglygyny goramagyň, halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmagyň döwletimizde ileri tutulýan ugurlaryň biridigini aýdyň görkezýär. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmakda, saglygy goraýyş ulgamyny has-da kämilleşdirmekde nusgalyk işleri durmuşa geçirýän lukman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutumly işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin!

**Jeren PAŞŞYÝEWA,**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Gospital pediatriýa kafedrasynyň kliniki ordinatory.**

# DÜNÝÄ DOLAN WATANYMYZ

«1 başlangyjy bilen döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary at çapmagyň, ahalteke bedewlerine erk etmegiň inçe tilsimlerine belet türkmen oglan-gyzlaryny bir ýere jemledi. Ençe ýyllar bäri şanly ýeňişler bilen ýaşyl tugumyzy dünýäniň çar künjeginde parladan ussatlara bu gün biziň buýsanjymyzyň çägi ýok.

Türkmen halkynyň asyrlardan köküni alyp gaýdýan maddy we ruhy gymmatlyklary dünýäde giňden meşhurdyr. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary batly menziller, şanly ýeňiş bilen türkmen halkynyň sirk sungatyny dünýä ýaýyp gelýär. Geçen ýylyň özünde hem bu toparyň 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda çykyş edip, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp bolmaklary türkmen halkynyň buýsanjyny bir gez galdyrypdy. Bu behişdi bedewlerimiziň şöhratyny artdyran ýeňişleriň biri bolupdy.

2026-njy ýyla «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» adynyň berilmegi ýylyň şygarynyň mazmunyny has-da baýlaşdyrdy. Ýakynda 16 – 25-nji ýanwar aralygynda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde 48-nji halkara sirk sungaty festiwaly geçirildi. Bu halkara çäräniň çäklerinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna goşan uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalar gowşuryldy. Bu şatlykly habar halkymyzy uly buýsanç bilen gurşap aldy.



Geçirilen sirk festiwallarynyň maksady sirk sungatynyň meşhurlygyny artdyrmakdan, onuň däplerini dowam etdirmekden ybaratdyr. Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwaly 150-den gowrak sirk artistleriniň bir ýere jemlenip, biri-biriniň ukyp-başarnyklaryny synlamagy, bir-birlerinden tejribe alyşmaklary üçin giň mümkinçilikleri döretdi.

Olar 2013-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde geçirilen «IDOL» bütindünýä sirk sungaty festiwalynda, 2014-nji ýylda Italiýanyň Latina şäherinde geçirilen XVI halkara sirk festiwalynda, 2015-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda II halkara sirk sungaty festiwalynda, 2016-njy ýylda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen Çarwadarlaryň II bütindünýä oýunlarynda baş baýraklara, 2018-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg şäherinde ilkinji gezek geçirilen Fontankadaky I halkara sirk sungaty festiwalynda «Altyn Gaetano» altyn heýkeljigine mynasyp bolup, türkmen sirk sungatynyň abraýyny ýokary galdyryp gelipdiler.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

**Ogulbagt HOJALYÝEWA,**
**Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Muzeýiniň gözegçisi.**

# AWTOULAGLAR PUDAGYNYŇ GELJEGI

**Ýurdumyzyň ulaglar ulgamy, şol sanda awtoulaglar pudagy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze ösüşleri başdan geçirýär.**

Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrliginiň garamagyndaky edara-kärhanalar öz öňlerinde goýan iş meýilnamalaryna laýyklykda, ýolagçylara awtobus we taksi hyzmatlarynyň, ýükleri daşamak boýunça işleriň möçberlerini we hilini täze basgançaklara çykarýarlar. Bu ugurda degişli kanunçylyk namalarynyň mazmunyna girizilýän üýtgetmelerdir goşmaçalar awtoulaglar boýunça ilata we sarp edijilere berilýän hyzmatlaryň hilini täze talaplar esasynda gowulandyrmaga ýardam berýär.

Döwlet Baştutanymyzyň 2025-nji ýylyň 29-njy dekabrynda «Awtomobil ulagynda daşamak işini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Düzgünnamany tassyklamak hakynda» Karara gol çekmegi döwletimiz tarapyndan ilata we hyzmatlary sarp ediji ýuridik hem-de fiziki şahslara berilýän awtoulag hyzmatlary babatda aladalary hemişelik üns merkezinde saklaýandygyna şaýatlyk edýän möhüm waka boldy. Ady agzalan resminama laýyklykda, awtomobil ulagynda ýük daşamak işini amala aşyrmak üçin gerek bolan ygtyýarnamany ýeňillikli resmileşdirmegiň talaplary we şertleri herekete girdi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan döwletimiz sebitde geografik taýdan amatly zolakda ýerleşmek bilen, özüniň bu artykmaçlygyny ýurdumyzyň hem-de hyzmatdaş döwletleriň peýdasyna netijeli ulanmak maksatlarynda Demirgazyk – Günorta hem-de Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça ulag-üstaşyr geçelgelerini gurmak, ilata we hyzmatdaş döwletlere logistika hyzmatlaryny etmekde ulaglaryň görnüşlerini özara utgaşdyrmak boýunça uly işleri alyp barýar.



Hormatly Prezidentimiziň täze gol çeken resminamasynyň esasynda Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrligi tarapyndan ýylyň ilkinji günlerinden başlap fiziki we ýuridik şahslaryň resminamalaryny kabul etmek işleri başlandy. Ýurdumyzyň welaýatlarynda hem aragatnaşyk ulgamy arkaly resminamalary kabul etmek bilen bagly mümkinçilikler döredildi.

Biz ýurdumyzda ykdysady ösüşlere giň ýol açýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli tutýan tutumly işlerinde üstünlik arzuw edýäris.

**Myrat NURÝAGDYÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri ähli pudaklar bilen birlikde, Türkmenistanyň ulag we aragatnaşyk ulgamynda hem belent ösüşleriň gazanylýan ajaýyp zamanydyr.**

# GOJAMAN HAZARYŇ KENARYNDA





Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly döwlet syýasaty bilen mynasyp dowam etdirilýän Türkmenistanyň ulag-üstaşyr diplomatiýasynyň öňde goýýan esasy maksatlary ýurdumyzyň sebitde iri ulag-logistika merkezine öwrülmegini gazanmakdan, üstaşyr ýükleri we ýolagçylary gatnatmakda ulaglaryň görnüşlerini özara utgaşdyrmakdan, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlere bu ugurlarda mynasyp goldawlary bermekden ybaratdyr.

Gojaman Hazaryň kenarynda ýerleşýän Türkmenbaşy Halkara deňiz porty ýükleri we ýolagçylary gysga ýollar bilen howpsuz gatnatmakda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. 2018-nji ýylyň ýazynda gurlup ulanylmaga berlen asyryň bu iri ulag desgasy ýurdumyzyň çäginden gatnadylýan demir ýol, awtomobil, howa ýük we ýolagçy gatnawlaryny öz üstünden deňiz ýollary arkaly Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça daşamakda Hazarýaka döwletleriň häzirki zaman kuwwatlyklaryna eýe bolan deňiz porty bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk saklaýar.

Pudagyň ýolbaşçylyk edýän edarasy Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugydyr. Ol Türkmenistanyň çäklerinde suw ulaglarynda döwlet syýasatyny amala aşyrmakda hem-de deňiz söwda gatnawy ugrunda döwlet dolandyryşyny durmuşa geçirmekde ygtyýarly ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edarasy bolup durýar. Bu gulluk özüniň garamagyndaky Türkmenbaşy Halkara deňiz porty, «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, «Deňiz söwda floty» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, «Deňizderýaýollary» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, Türkmenabat şäherindäki Derýaçylyk orta hünär okuw mekdebi, Türkmenbaşy şäherindäki Deňizçilik orta hünär okuw mekdebi ýaly iri edara-kärhanalar, okuw mekdepleri bilen jebislikde ýerli we daşary ýurtly sarp edijilere ulag hyzmatlaryny ýokary hilli amala aşyrýar. Pudagyň girdejililigi ýylyň-ýylyna artýar.

Biz ýurdumyzy ösüşli ýollar bilen bedew badynda öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, uzak ömür, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýäris.

**Çarymurat GANDYMOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Daşoguz welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, kapitan.**

**«Altyn otda bilner, adam — zähmetde»**

# ÝOLLARYŇ AK BOLSUN!



Ýollar... Olaryň hemmesi-de gowy. Çünki ýollar bizi öýe, goňşa, dosta, dogana eltýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň bezegine öwrülen, alyslara uzaýan ak, ajap ýollar bolsa sebitleri, yklymlary ýakynlaşdyryp, goňşuçylyk gatnaşyklarymyzy has-da pugtalandyrýar. Awtomenzillerde hyzmata taýyn bolup, hatar gurap duran täze awtobuslary göreniňden göwnüň göterilýär. Etrap merkezlerine, obalara, şäherdir şäherçelere gatnap ýören bu awtobuslarda ýolagçylar üçin ähli amatly mümkinçilikler döredilen. Garaz, ýola çyksaň indi kynçylyk ýokdugyna göz ýetirýärsiň.

Heniz «daňyň düýbi» agarmanka Narmyrat Şerbaýewiň gündelik gatnaw wagty başlaýar. Ol Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrliginiň «Lebapawtoulag» önümçilik birleşiginiň awtobus sürüjisi. Oba ýerinde iş güni jahan ýagtylmanka başlanýar. Onsoň her gün şol bir wagtda ýiti çyrasy bilen tümlügi böwsüp, oba adamlaryna ýagşy arzuw edip, yssy diýmän, sowuk diýmän, öz işine yhlas bilen ýapyşyp, uly bilen uly ýaly, kiçi bilen kiçi ýaly gürleşýän Narmyrat aga bolsa, şol awtobusyň sürüjisi. Ol Türkmenabat – «Mekan» daýhan birleşigi aralygynda ýolagçylary gatnadýar.

Ine, awtobus sürüjisiniň gündelik durmuşynda şeýle gatnawlar biri-birini çalşyp, geçip durlar. Awtobus sürüjisi bolup işe başlan wagtyndan bäri geçen döwürde ol özüne tabşyrylan gatnaw tertibini hemişe wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirmäge çalyşýar. On ýyl gowrak iş tejribesi bolan sürüji awtobusy bilen «gowy düşünişýär». Ol hiç wagt hem ýolagçy awtobusyny dessine işe girizmeýär. Işe gelenden soň, ilki bilen, onuň daşky abzallaryny birlaý doly gözden geçirýär. Ondan soňra hökmany suratda hereketlendirijidäki ýagyň, ýörite gaplardaky suwuklyklaryň derejesini barlaýar.

– Göräýmäge, awtobus diňe demirden durýan ýaly, şonuň üçin oňa garaşyk etmeseň boljak ýaly bolup görünýär. Hakykatdan welin, ol beýle däl, oňa-da gerekli gündelik tehniki hyzmatlary etmeseň, onuň kuwwaty öňküçe bolmaýar, işleýiş möhleti hem azalýar. Ýöne bu işleri hem başdansowma amala aşyrsaň, awtobus uzak wagtlap hyzmat etmeýär. Şonuň üçin hem oňa ak ýürekden hyzmat etmeli – diýip, ýolagçy awtobusyň sürüjisi Narmyrat Şerbaýew düşündirdi. Soňra hem – Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalarynyň netijesinde daşary ýurtlardan satyn alnan, halkara ülňülerine laýyk gelýän ýokary amatlykly awtobuslar, taksiler ýolagçylara hyzmat edýärler. Olarda işlemek hem örän amatly – diýip, ol sözüni dowam etdirdi.

Narmyrat aga «Lebapawtoulag» önümçilik birleşiginde tejribeli sürüjileriň biri hasaplanylýar. Ol on ýyl gowrak wagtyň diňe sekiz ýylynda «PAZ-32054» kysymly awtobusyny sürdi. Sürüji şu günler hormatly Prezidentimiziň sowgat beren täze «Toyota Coaster» kysymly orta synply awtobusy bilen ýolagçylara hyzmat edýär. Onuň köp wagty Türkmenabat – «Mekan» daýhan birleşigi aralygynda geçýär. Ol işläp duran hereketlendirijiden çykýan birmeňzeş sesi diňlemegiň hem uly lezzet berýändigini belledi. Porşenleriň deň aralykda urýan urgularynyň hereketlendirijiniň ähli abzallarynyň sazlanandygyndan habar berýändigini hem aýdanlarynyň üstüne goşdy. Täze awtobusyň ýolagçy gatnawy hem ýokary bolýar.

Ýurdumyzyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly, Lebap welaýatynyň ähli şäherlerinde we obalarynda halkara ülňülerine laýyk gelýän ýokary amatlykly awtobuslar, taksiler ýolagçylara ir ertirden giç agşama çenli hyzmat edýärler. Munda Narmyrat Şerbaýewiň hem uly paýy bar. Her bir sürüjiniň berkidilen awtobusyna şeýle jogapkärçilikli çemeleşmegi bolsa üstünligiň girewidir.

Amyderýanyň iki kenaryny etekläp oturan sebitiň şeýle sürüjileri barmak büküp sanardan köp. Olaryň yzygiderli gatnawlarynyň netijesinde, ýollar bolsa diňe obadyr şäherleri däl, göwünleri hem birleşdirýär. Biz şol röwşen ýollarda ildeşlerimize hyzmatyny gaýgyrmaýan ezber sürüjä ýolunyň hemişe ak bolmagyny, üstünlikleriň hemra bolmagyny arzuw edýäris.

**Möwlam HAÝTGULYÝEW,**
**Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrliginiň «Lebapawtoulag» önümçilik birleşiginiň mehanigi, KA-nyň işjeň agzasy.**



# BEDEW AT MENZIL KESER

Türkmenistanyň Mejlisiniň çözgüdi bilen şanly ýylymyzyň şygarynyň milli buýsanjymyz bolan bedew at bilen baglanyşdyrylmagy çuňňur mana eýedir. Çünki Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň ösüşleriniň tizligi bedew bady bilen ölçelýär.

Ahalteke atlary halkymyzyň umumadamzat medeniýetine goşan milli gymmatlyklarynyň naýbaşylarynyň biridir. Döreýiş taryhyny gadymy Ahal topragyndan alyp gaýdýan bedewlerimiz taryhda «Ganatly bedewler», «Behişdi bedewler» ady bilen tanalypdyr. Gadymy Nusaýdan we Marguşdan tapylan at şekiljikleri, bedewleri seýislemäge niýetlenen saz gurallary, at heýkelleri, eýer-esbaplary, zynatly şaý-sepleri we beýleki baý ylmy-arheologiki maglumatlar türkmen bedewiniň gelip çykyşynyň adamzadyň döreýiş taryhyndan gözbaş alyp gaýdýandygyna şaýatlyk edýär. Türkmen bedewleriniň häsiýetli aýratynlyklary hakynda Hytaýda, Hindistanda, Müsürde, Gresiýada, Rimde döredilen taryhy ýazgylar adamzat taryhy üçin bahasyna ýetip bolmajak ylmy gymmatlyk hökmünde garalyp gelnipdir.

Halkymyzda «Bedew at menzil keser» diýen nakyl bar. Halk paýhasy bilen döredilen bu nakyl bedewleriň uzak aralyga ýöriş etmäge ukyplylygyny görkezýär. Türkmen topragynda kemala gelen bedewler ýadamazaklygy, çalasynlygy bilen uzak menzili az salymda geçmäge ukyplylygy bilen belli bolup gelipdir. Bu hakdaky gymmatly maglumatlar bilen biz Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Ganatly bedewler», «Gadamy batly bedewler», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplarynyň üsti bilen giňişleýin tanşyp bilýäris.

Gysga döwrüň içinde ýurdumyzda atçylyk pudagyny ösdürmekde ýokary netijeler gazanylandygyny belläp geçmek möhümdir. Halkara derejede ýaryşlary we bäsleşikleri geçirmek üçin paýtagtymyz Aşgabatda, welaýat merkezlerinde dünýä ölçeglerine laýyk gelýän döwrebap atçylyk sport toplumlary gurlup ulanylmaga berilmegi, behişdi bedewleri ösdürip ýetişdirmek we seçgi-tohumçylyk işlerini ylmy esasda kämilleşdirmek, ýokary derejeli hünärmenleri we atşynaslary taýýarlamak ugrunda ýola goýlan, sebitde deňi-taýy bolmadyk Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň hem-de Ylmy-önümçilik merkeziniň gurulmagy bu ugurda ýetilen belent sepgitlerdir.

**Aýtäç ATAÝEWA,**
**Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap kazyýetiniň kazysynyň kömekçisi.**

# TALYPLARYMYZYŇ ÜSTÜNLIKLERI

Ýaşlaryň zamanabap bilim we tejribe almaklarynda olaryň öz zehinlerini, başarnyklaryny dünýä döwletlerindäki deň-duşlary bilen özara tejribe alyşmaklary aýratyn ähmiýetlidir. Şu nukdaýnazardan, talyp ýaşlarymyzyň dünýäniň dürli okuw mekdepleri tarapyndan guralýan ders bäsleşiklerine, olimpiadalara gatnaşmaklary, olarda netijeli çykyş etmekleri babatda aýratyn aladalar edilýär. Ýaşlaryň ders olimpiadalarynda, intellektual bäsleşiklerde çykyş edip, ýurdumyzyň abraýyna abraý, şanyna şan goşýandyklary aýratyn bellenilmeli buýsançly ýagdaýdyr.

Talyp ýaşlarymyzyň öz hünär ugurlary boýunça 2026-njy ýylyň 26-njy ýanwarynda dostlukly Özbegistan Respublikasynyň Buhara şäheriniň Buhara döwlet uniwersiteti tarapyndan guralan «BIMO – 2026» we «BIChO – 2026» halkara matematika we himiýa olimpiadalarynda üstünlikli çykyş edip, ýokary taýýarlyk derejesini we ajaýyp netijeleri görkezmekleri aýratyn uly ähmiýete eýe boldy. Hususan-da, matematika dersi boýunça olimpiadada Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Ykdysadyýet we dolandyryş fakultetiniň logistika hünäriniň 3-nji ýyl talyby Batyr Öwezmyradowyň şahsy bäsleşik boýunça 2-nji orny, kümüş medaly eýeläp, toparlaýyn bäsleşikde Kuboga mynasyp bolmagy, himiýa dersi boýunça olimpiadada Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Himiýa tehnologiýasy fakultetiniň 4-nji ýyl talyby Nyýazmuhammet Begençmuhammedowyň 1-nji tapgyrda altyn medala we baş baýraga, 2-nji tapgyrda toparlaýyn Kuboga eýe bolmagy ýurdumyzda ösüp gelýän ýaş nesilleriň bagtyýar geljegi, zamanabap bilim we terbiýe almagy ugrunda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen durmuşa geçirilýän yzygiderli netijeli işlere aýdyň şaýatlyk edýän buýsançly pursatlar boldy.

Talyp ýaşlarymyzyň gazanan bu ajaýyp ýeňişleri, ozaly bilen, döwletimiz tarapyndan ýaşlar babatda edilýän aladalaryň, biz – professor-mugallymlar üçin döredilýän ýokary iş şertleriniň miwesidir. Biz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzyň ilkinji netijelerinden ruhlanyp, geljekde ýaş nesiller bilen alyp barýan işlerimizi mundan beýläk-de mynasyp dowam etdireris.

**Yslamberdi TYLLANUROW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

**WEB-SAÝTLARDA ULAG WE ARAGATNAŞYK BARADA**

## IŞLER DOWAM EDÝÄR

«Balkan» gämi gurluşyk zawodynda milli floty ösdürmäge gönükdirilen giň möçberli maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi dowam etdirilýär. Kärhananyň hünärmenleri Hazar deňzinde ýurduň ulag-logistika mümkinçiliklerini güýçlendirmäge niýetlenen täze gämileriň gurluşygy boýunça işleri alyp barýarlar. Bu barada zawodyň resmi saýtynda habar berilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, zawodda iki sany döwrebap gury ýük gämisiniň hem-de bir sany läbik sorujynyň gurluşygy tizleşdirilen depginde alnyp barylýar.

Täze gury ýük gämileriniň gurluşygy flotyň kuwwatyny artdyrmak babatda strategik ädim bolup durýar. Bu eksport-import we üstaşyr ýük daşamalarynyň möçberini ep-esli artdyrmaga, şeýle hem Türkmenistanyň Hazar deňziniň sebitinde möhüm logistika merkezi hökmünde ornuny pugtalandyrmaga mümkinçilik berer.

Şol bir wagtyň özünde, gury ýük gämileriniň gurluşygy bilen bir hatarda ýörite läbik sorujy gäminiň gurluşygy boýunça işler hem dowam etdirilýär. Ol deňziň düýbüni arassalamak we çuňlaşdyrmak boýunça yzygiderli işleri ýerine ýetirmäge şert döreder. Gämileri deňze çykarmaga ugrukdyryjy kanallaryň talabalaýyk ýagdaýda saklanmagy deňizde ýüzmegiň howpsuzlygyny üpjün eder hem-de halkara ulag geçelgeleriniň netijeli işlemegi üçin iri tonnažly gämileriň päsgelçiliksiz geçmegine mümkinçilik döreder.

**Taýýarlan:**
**Ogulmaral ÝAZOWA,**
**Murgap etrap merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy, KA-nyň işjeň agzasy.**

## ABATLAÝYŞDAN GEÇDI

Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň «Demirýollary» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bilen Hytaýyň «CRRC Ziyang Co., Ltd.» lokomotiw gurluşyk zawodynyň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda düýpli abatlaýyşa mätäç bolan 20 sany ýük teplowozy abatlandy.

Ozal baglaşylan şertnamanyň esasynda teplowozlar Hytaýda zawod şertlerinde düýpli abatlanyp, eýýäm Türkmenistana getirildi – diýip, «railway.gov.tm» saýtynda habar berilýär.

Hytaýda düýpli abatlaýyşdan geçen teplowozlar häzirki zaman öňdebaryjy enjamlary bilen üpjün edildi, bu bolsa uly möçberdäki ýükleri uzak aralyklara daşamak mümkinçiliklerini has-da giňeltdi.

Getirilen teplowozlar eýýäm ygtybarly hyzmaty amala aşyrýarlar.

**Taýýarlan:**
**Söhbet AMANOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

## DUŞUŞYK GEÇIRILDI

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow bilen German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň Ýerine ýetiriji direktory Mihael Harmsyň arasynda wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi. Bu barada daşary syýasat edarasy habar berýär.

Duşuşygyň dowamynda taraplar Türkmenistan bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasynda alnyp barylýan ikitaraplaýyn dialogyň ýokary derejesini görkezýän söwda-ykdysady gatnaşyklaryň depginli ösýändigini bellediler.

Taraplar türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2023-nji ýylyň sentýabr aýynda Germaniýa Federatiw Respublikasyna amala aşyrylan iş saparynyň çäklerinde geçirilen türkmen-german işewürlik forumyna gatnaşmagynyň ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde güýçli itergi berendigini aýratyn nygtadylar.

Şunuň bilen birlikde, 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda Astanada «Merkezi Aziýa – Germaniýa» dialogynyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Germaniýanyň şol wagtky Federal kansleri Olaf Şolts bilen geçirilen ikitaraplaýyn duşuşygynyň, şeýle-de german işewür toparlarynyň wekilleri bilen bolan gepleşikleriň ähmiýeti bellenildi.

**Taýýarlan:**
**Döwran BAÝMYRADOW,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.**

## ÝOKARY DEREJELI TAÝÝARLYK

Mälim bolşy ýaly, 31-nji ýanwar – 2-nji fewral aralygynda Türkmenistanyň wekiliýeti Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG) Ýokary derejeli wekilleriň maslahatynyň 52-nji mejlisine gatnaşdy. Bu mejlis 2026-njy ýylyň 11-12-nji aprelinde Bagdat şäherinde geçiriljek Daşary işler ministrleriniň geňeşiniň öňüsyrasyndaky üçünji we iň möhüm taýýarlyk tapgyry bolup durýar.

Türkmenistanyň DIM-niň habar bermegine görä, mejlisiň dowamynda türkmen tarapy «Bitaraplyk syýasatynyň YHG-niň giňişliginde we ählumumy derejede halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde we berkitmekde orny» atly kararnamanyň taslamasyny YHG-niň Daşary işler ministrleriniň geňeşiniň 52-nji mejlisinde kabul edilmegi üçin hödürledi.

Şeýle hem mejlise gatnaşyjylar syýasy, hukuk, maglumat we ynsanperwer ugurlarda strategik çözgütleri taýýarladylar, şeýle-de olaryň kabul edilmegine taýýarlyk görmek maksady bilen, daşary işler ministrleri üçin iş maksatnamasyny jemlediler.

**Taýýarlan:**
**Döwletgeldi BEGENDIKOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

# DEMIR ÝOLUŇ TARYHYNDAN

*(Dowamy, başlangyjy gazetimiziň № 4 sanynda)*

Makalamyzyň öňki sanynda Jorj H. Kurzonyň Transkaspiý demir ýolunyň gurluşygynyň taryhy we bu demir ýolunyň Gyzylarbat bekedine ýetendigini aýdypdyk. Indi bolsa 1889-njy ýylda «Ruslar Merkezi Aziýada» atly kitabynyň «Kaspiden Merwe çenli» diýip atlandyrylýan bölüminde 1885-nji ýylyň 2-nji iýunynda Gyzylarbat bekedinden demir ýoluň gurluşygyny Owganystanyň serhedine çenli gurmak boýunça karar kabul edilýär. Onuň esasynda demir ýolunyň gurluşygyny çalt we netijeli amala aşyrmak üçin ikinji demir ýol batalýony döredilýär. Bu batalýon şol ýylyň 3-nji iýulynda Gyzylarbat şäherine barýar we 13-nji iýulynda gurluşyga gaýtadan başlamaklyga girişýär.




Degişli ştab soňlugy bilen wagonlary we demir ýol liniýasyny abatlaýan edara ýerler soňlugy bilen, çäge düzlügi bilen aralaşyp gidýär» diýip belleýär.

Kurzonyň işinde Köpetdagyň ýapgyt ýerleri barada aýdylmagy ýöne ýerden däldir. Çünki dagdan inýän çeşmeler we çaýlar bu toprakda dürli-dümen ekinleriň ekilip, ösdürilip ýetişdirilýändigini görkezýär.

Degişli ýol Meşede (häzirki Maşada) çenli 100 mil ýol bolup, ol Nikolaýew diýen rus täjiriniň taslamasy hasaplanypdyr. Degişli täjir bu ýoly hususy görnüşine geçirmekligi göz öňünde tutup, Russiýadan Horasana çenli esasy gatnaw ýoluna öwürmekçi bolupdyr. Bu teklipler buharaly täjirler tarapyndan goldanypdyr. Hindistandan gelýän harytlaryň (esasy gök çaýyň) degişli ýoluň üsti bilen Aşgabat demir ýoluna geçirilmegi buharaly täjirler üçin harytlaryň bahasynyň arzan bolmaklygyny üpjün edipdir. General Annenkow Aşgabat – Kuçan ýolunyň ähmiýetini Demirgazyk böleginde ýaşaýan parslaryň Maşat şäherindäki Keramatly metjide zyýarat etmekleri üçin has amatlydygyny belläpdir. Transkaspiý demir ýoly bolsa ýurdumyzyň, Buharanyň, Samarkandyň we beýleki şäherleriň ýaşaýjylarynyň Haj parzlaryny ýerine ýetirmek üçin ýolunyň birinji bölegi hasaplanypdyr. Diňe 1887-nji ýylda bu demir ýoldan 6000-e golaý adam Haj parzyny ýerine ýetirmäge gidipdirler.



öwrülýär. Ikinji demir ýol gurluşyk batalýonunyň işgärleriniň iş wagty günüň dowamynda alty sagatdan gezekleşip çalşykly alnyp barlypdyr. Batalýonuň şahsy düzümi üçin agyz suwy we azyk önümleri her iki günden gatnaýan otluda getirilipdir. Esasy demir ýoluň golaýynda uzynlygy üç mil bolan, inçe kaleýaly demir ýoly goýlupdyr. Degişli demir ýoluň üsti bilen esasy gurluşyk serişdeleri daşalypdyr.

Gyzylarbat – Aşgabat (ozalky Ashabad) aralygyndaky demir ýol gurluşygynyň alnyp barlyşy barada aýdylanda Kurzon şeýle belleýär: «Ikinji demir ýol gurluşygyny alyp barýan batalýonuň serkerdesi bilen söhbetdeş bolanymda günüň dowamynda ortaça 4 mil (gury ýerde 1 mil 1,609 km deň hasaplanýar) demir ýolunyň çekilýändigini, aňzakly sowuk, şemally, ýagyşly günlerde ýarym mil, käbir ýagdaýlarda oňa hem ýetmeýän wagtlar bar» diýen setirleri demir ýoluň gurluşygynda birnäçe kynçylyklaryň bolandygyny görkezýär. Bu kynçylyklaryň esasy böleginiň sowuk howasy bilen çäklenmän, eýsem, esasy böleginiň çägelik ýerden geçýändigi, otlynyň kömür bilen işleýändigi hem-de onuň bu toprakdan az gazylyp alynýandygy we agyz suwunyň ýetmezçiligi bilen häsiýetlendiripdir. Çägelik ýerde demir ýoluny gurmak boýunça ozaldan tejribeleriniň ýeterlik bolmazlygy general Annenkowa we gurluşygy alyp baran inženerlere kynçylyk döredipdir. Degişli we beýleki sebäplere görä, şol döwrüň demir ýol otlularynyň tizlikleri 30 mil sagatdan geçmändir. Käbir ýerlerde bolsa tizliginiň 15 mil sagada çenli peselmegini talap edýändigi bellenilýär. Gyzylarbat bekedinden Aşgabat aralygynda Goç, Arçman, Sünçe, Bäherden, Kelete, Gökdepe, Büzmeýin ýaly beketleri ýerleşdirilipdir.

Gurluşygyň netijeli dowamynda 1885-nji ýylyň 11-nji dekabrynda ilkinji demir ýol otlusy Aşgabat şäherine barýar. Aşgabat – Gyzylarbat bekedinden, takmynan, 136 mil aradaşlykda ýerleşip, Zakaspiý oblastynyň paýtagty diýlip kabul edilýär. Şol döwür Aşgabat şäherinde köp sanly bazarlary, tipografiýa, foto laboratoriýalary bolupdyr. Şäheriň dükanlarynyň we myhmanhanalarynyň Ýewropanyňkydan pes däldigini aýtmak bolýar. Şoňa görä-de, bu ýerde Transkaspiý demir ýolunyň esasy duralgalarynyň biri gurlupdyr. Kurzon Aşgabat şäherine gelende etekläp oturan Köpetdagy görüp, onuň beýikligi barada şeýle belleýär: «Köpetdagyň beýikligi 5000 we 6000 fuda ýetýändigi, käbir ýerlerinde bolsa ondan hem beýik ýerleri bar. Dagyň eteginden 300 mil aralygy ýapgytlyk ýerleri bar. Bu

Aşgabat şäherinden ýörän otly Gäwers, Babadurmaz ýaly beketlerine barýar. Gäwers baglyk ýer bolup, özüniň owadanlygy bilen tapawutlanypdyr. Babadurmaz bekedinden soňra parslaryň Lutfabat diýen ýerinden birnäçe mil uzaklykda ýerleşýän Artyk bekedine barypdyr. Kurzon Artyk bekedinden soňra Duşak bekedine baryp, Duşak bekedi barada şeýle belleýär: «Haýsy hem bolsa bir wagt demir ýoluň ugruny günorta tarap ugrukdyrmaly bolsa, onda Duşak onuň esasy ugry bolmagy mümkin. Duşak sözi pars dilinde «iki şaha» diýen manyny aňladýar, Hindistana tarap ikinji demir ýolunyň gurulmaklygy meýilleşdirilse, Duşak bekediniň üstünden Sarahsa we serhetýaka Zulfikar jülgesiniň üstünden meýilleşdirilse has amatly boljakdygyny belleýär.

Duşakdan Demirgazyk – Gündogara tarap demir ýol otlusynyň hereketiniň dowamynda indiki Tejen bekedine barýandygy agzalýar. Tejen adynyň bu ýerden geçýän derýanyň ady bilen baglanyşykly bolmagy mümkin – diýip, Kurzon belleýär.

Tejen derýasy öz gözbaşyny daglardan alyp gaýdýan Gerirud derýasynyň dowamydyr. Tejen derýasynyň soňy Garagum çölünde ýitip gidýär. Derýanyň maý, aprel aýlarynda joşmagy, soňra bolsa kenarynyň çekilmegi, derýanyň gyralarynda jeňňellikleriň döremegine getiripdir. Şol sebäpden bu ýerler köp sanly ýabany guşlaryň we ýekegapanyň mekany hasaplanýar. General Annenkow Tejen derýasynyň ininiň 80-100 ýarda ýetýän ýerinde köpri gurduryp, onuň üstünden demir ýoluny geçirdipdir.

*(Dowamy bar).*

**Döwran ABDYRASULOW,**
**Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň uly mugallymy.**

# SAGDYN ÝAŞAÝŞYŇ ÖZENI

Gyş – ajaýyp pasyl. Ol täzelenişe, täze arzuwdyr maksatlara badalga berýän möwsüm, ene ýere güýç, ynsan göwnüne daýanç berýän pasyl. Şeýle hem bolsa, gyşyň özüne mahsus düzgünleri bar. Olary berjaý etmegiň hökmanlygy bagtyýar we sagdyn ýaşaýşymyzyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ata-babalarymyzyň: «Gyşyň güni kyrk tüýsli, kyrkysy-da gylyksyz» diýşi ýaly, gyş paslynda howa dowamly üýtgäp durýar. Gündizine Gün ýalbyrap dursa hem, agşamlaryna gar, ýagyş ýagyberýär. Şeýle bolansoň, bu paslyň bizi haçan, haýsy pursatda, howanyň nähili şerti bilen ýüzbe-ýüz etjegini bilip bolmaýar. Şuny nazara alyp, işe, okuwa ýa-da beýleki zerurlyklar bilen öýden çykylanda, sowuk hem ygally howadan goraýjy, ýyly egin-eşikleri geýmeli.



Aýaklary ýyly saklamaga aýratyn üns bermeli. Aýaklar çyglylyga has duýgur beden agzalary bolmak bilen, olaryň gurak we ýyly saklanmagy tutuş bedeniň ýylylygyny goldaýar.

Bedeniň aşa üşemezligi üçin ýyly eşikleri, sütükli, galyň ýüňden tikilen, ýylylygy saklaýan egin-eşikleri, rahat, içi sütükli, aşagy typmaýan aýakgaplary geýmek maslahat berilýär. Bedeniň üşemegi immun ulgamynyň işiniň peselmegine, ol bolsa keselçilige eltip biler. Şoňa görä, çagalaryň möwsüme laýyk geýinmegine-de aýratyn üns bermeli. Çünki Magtymguly atamyzyň: «Saglygyň gadryny bilgil, Hassa bolmazdan burun» diýip nygtaýşy ýaly, keseli bejereniňden, onuň öňüni almak aňsatdyr.



Gyş möwsüminde gartaşan adamlara, kiçi ýaşly çagalara, dowamly keselleri bolanlara, aýratyn zerurlyk döremese, öýden çykmak maslahat berilmeýär. Bu topara degişli adamlarda ýagynly, sowuk, sürçekli howada ýykylyp, şikes almak töwekgelçiligi ýokary bolýar. Gyş paslynda keseliň öňüni alyş çärelerini doly we dogry berjaý etsek, ýüze çykyp biläýjek şikesleriň öňüni alyp, sagdynlygymyzy gazanyp bileris. Her birimiziň saglygymyzyň öz elimizdedigini unutmaly däldiris.

**Batyr ALLAGULYÝEW,**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.**

# GOŞA MUKAM

**(Rowaýat)**

Bir adamyň bäş çagasy bolupdyr. Olaryň bary hem ökde sazanda eken. Doganlaryň körpesi gyz eken. Obanyň adamlary häli-şindi olaryňka ýygnanyp, doganlaryň aýdym-sazlaryny teşnelik bilen diňläpdirler. Agalaryna, gelen myhmanlara çaý-çörek getirip, girip-çykyp hyzmat edip ýören gyz uýalarynyň-da aýdym-sazdan gulagy ganyp, saz çalmagy ymykly ele alypdyr. Ol kemala gelip, göze görnüp başlaýar. Günlerde bir gün ýapdan suw almaga çykanda, ony obanyň uly baýy görýär-de, oňa aşyk bolýar. Gyz ondan uýalyp, arasyny açýar. Baý olara sawçy iberýär. Gyzyň hossarlary baý bilen guda bolmagy unamaýarlar. Ýöne Myrat baý baýlyk bilen olaryň «gözlerini gapýar». Şeýlelikde, baý gyzy alýar. Gyş pasly tamamlanyp, ýaz gelýär. Baý gelnini ýanyna alyp, ýazlaga çykýar. Olar süýji suwly guýyň başynda öý dikýärler.

Çölüň arassa howasy, gül-gunçaly meýdan baýyň göwnüni göterýär. Ol ak öýüň kölegesinde düşelen düşekde çaý içip oturyşyna aýdyma hiňlenýär, onuň göwni joşan wagty saz çalaýmasy-da bardy. Şonuň üçin-de gelnine içerden dutaryny çykarmagy buýurýar. Gelin dutary getirip berýär-de, onuň ýanynda oturyp, saz diňlemekçi bolýar. Ýöne oturmagyň ebeteýini tapman, eline küýzesini alyp, guýa tarap ýönelýär. Gelniniň seýkin basyp, uz ýöreýşini synlap oturan baýyň ylhamy joşýar. Onuň perde basýan barmaklary gelin ýöreýşine çalym edip barýar. Gelin küýzesini suwdan dolduryp yzyna dolanýar. Ol şondan soň baýyň ýanyna gelip oturýar-da:

– Ozal eşitmändik. Bu heňiň ady näme? – diýip soraýar.

Baý:



– Muňa «Gelin ýöriş» diýerler – diýýär.

– Beýle bolsa, hany şol dutary maňa-da ber – diýip, dutara elini uzadýar. Baý gelnine garap:

– Seniň doganlaryň barysy bagşy-sazanda. Senem şolardan öwrenen bolaýma? – diýýär.

Gelin kirişleri belende göterip, bir üýtgeşik saz çalýar welin, baý aňk bolup, agzyny açyp oturyberýär. Bir salymdan soň özüni dürsäp, zordan dillenýär:

– Bu haýran galdyran sazyň ady näme?

Gelniň jogaby nagt çykýar:

– Baý aga, bu saz hut häzir döredi. Eger heň seni haýran edip bilen bolsa, onda onuň ady-da «Myrathaýran» bolsun diýýär.

Ine, şeýdibem goşa mukam dünýä inýär.

**Şatlyk JEPBAROW,**
**Murgap etrabyndaky 3-nji orta mekdebiň mugallymy.**

# KROSSWORD

## Hany oýlan, pikirlen!



**DIKLIGINE:** 1. Däneli ýazlyk ekin. 2. Dürli reňkdäki ýüplerden çitilip dokalýan gymmat bahaly öý goşy, düşek. 4. Bagşyçylyk ýoly. 6. Seýil. 8. Ýigitlik ýaşyndaky juwan. 9. Germaniýada öndürilýän belli awtoulag kysymy. 11. Aw. 13. Gerden, egin. 14. Asal. 16. Ullakan agaçdan ýasalan tabak, okara. 18. Şan-şöhrat, at. 21. Ýagtylyk enjamy. 22. Nazaryýet ulgamynyň, şol sanda dünýägaraýşyň esasynda ýatýan kesgitleýji düşünje. 23. Afrikada bir döwlet. 24. San. 26. Gün ýaşmazynyň öň ýanyndaky wagt. 27. Demir ýol arkaly hereket edýän ulag düzümi. 28. Hiç kime dahylly, garaşly bolmadyk, erkin. 31. Halk döredijiligi. 32. At. (Köne söz).

**KESELIGINE:** 3. Ýer sürülýän azalyň ýerdemir geýdirilýän bölegi. 5. Ýeriň ýokarsynda ýerleşýän giňişlik, gök. 7. Mähriban ynsan. 10. Birine ýa-da bir zada bolan içki söýgi duýgusy. 12. Tok güýji. 15. Kiçi, uly bolmadyk agyl. 17. Saz guraly. 19. Takyk, kesgitli. 20. Gan sorujy çalasyn uçýan möjejik. 25. Öýe öwredilip, ekdi edilen haýwan. 28. Türkmen dilinde düşümleriň biri. 29. Gymyldy-hereketi aňladýan söz topary. 30. Oba hojalygyndaky ownukly-irili haýwanlar, dowarlar. 32. Ownuk däl. 33. Ele geýmek üçin önüm. 34. Germaniýaly futbolçy ... Altintop.

**Sähetmyrat GURBANOW,**
**Aşgabat şäherindäki 137-nji orta mekdebiň mugallymy.**

Gazetimiziň geçen sanynda çykan krosswordyň jogaplary.

**DIKLIGINE:** 1. Azot. 4. Sahy. 6. Mart. 7. Sişenbe. 8. Aýbölek. 10. Alma. 11. Aşgabat. 13. Müçe. 14. Apat. 16. Lira. 17. Arka. 18. Aşyk.

**KESELIGINE:** 1. Adyl. 2. Rehimli. 3. Alys. 5. Alym. 7. Saýa. 9. Kada. 11. Asyr. 13. Mert. 14. Aýna. 15. Ahal. 19. Emin. 20. Elek. 21. Tama. 22. Tara. 23. Aral. 24. Şabende. 25. Kyrk.

# BERJAÝ ETMELI DÜZGÜNLER

**ÜNS BERIŇ!**




Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy öz maslahatlary bilen ýüzlenip, şulary ýatladýar:

– Ýangyn dörände Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň ýangyn söndüriş söweşjeň toparlary çagyrmazdan özbaşdak ýangyna garşy göreşmek işlerini alyp barmak, ýanyp duran elektrik enjamlary elektrik ulgamyndan öçürmän suw bilen söndürmek, ýangynyň dörän otagyndan tüssäni çykarmak üçin gapylarydyr penjireleri açyp goýmak, jaýyň ýokarky gatlaryndan düşülende lifti ulanmak, tüsseden dolan otaga girmek örän howpludyr. Ýangyn dörände öý, iş telefonyndan «01», öýjükli el telefonyndan «001» belgä habar bermegi ýatdan çykarmaly däldir.

**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy.**

**Dünýäniň ulag we aragatnaşyk täzelikleri**

## IŇ KIÇI ÝÜK ULAGY

Ýaňy-ýakynda Ýaponiýada magdan känlerinde, gurluşykda we oba hojalygynda ýük daşamak üçin «Keitraki» diýlip atlandyrylýan kiçijik ýük ulagy öndürilip, ulanyşa goýberildi.

«Keitraki»-niň uzynlygy 3,4 metre, ini 1,48 metre ýetýär. Agramy 700 kilogramdan geçmeýän «kei» 660 kub santimetrlik hereketlendiriji bilen işläp, ýangyjy tygşytly sarp edýär. Ýük göterijiligi 350 kilograma barabar bolan bu ýük ulagy ygtybarly bolmak bilen bir hatarda, ony tehniki taýdan dolandyrmak hem aňsatdyr. Oba hojalygynda, şäherde ýük daşamak we baryp bolmajak ýerlerde işlemek üçin ulanylýan bu mini (kiçi) ýük ulagynyň sagatdaky tizligi 88-140 kilometre ýetýär. 4 tekeri bilelikde işleýän (4WD) «kei» ýük ulaglary ýaponlaryň «Suzuki» (Carry), «Daihatsu» (Hijet), «Honda» (Acty), «Subaru» (Sambar), «Mitsubishi» (Minicab) we «Nissan» (Clipper) ýaly kompaniýalary tarapyndan öndürilýär.

«Kei» ýük ulagy tehniki çykdajysyz 320 müň kilometr ýol geçip bilýär. Häzirki döwürde bu kiçijik ýük ulaglary Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda uly islegden peýdalanýar.

**Orazgül ÇARYÝEWA,**
**TMÝG-nyň Aşgabat şäher Geňeşiniň Umumy bölüminiň baş hünärmeni.**

## ÝAKYNDA ÖNDÜRILER

Işewür Ilon Maskyň ýolbaşçylyk edýän «Tesla» kompaniýasynyň sürüjisiz işleýän «Cybercab» taksisi şu ýylyň aprel aýynda önümçilige goýberiler.

Habara görä, häzirki wagtda «Cybercab» nusgalary Alýaskanyň aşa sowuk, garly we buzly şertlerinde gyşky synaglardan geçirilýär. Synag edilýän awtomobilleriň ýörite gyşky tekerler bilen enjamlaşdyrylandygy bellenilýär.

«Cybercab» ilkibaşdan sürüjisiz dolandyrmak üçin dizaýn edilipdi. Ol hereket etmek üçin radar we lidarlary ulanman, diňe kameralara we emeli aňa esaslanýan «Tesla Vision» ulanyşyny peýdalanýar.

Awtomobilde «kebelek ganaty» görnüşindäki gapylar bar. Ulagda yzky aýna we gapdal aýnalar göz öňünde tutulmadyk. Awtoulag iki ýolagçy üçin niýetlenen. Merkezde güýmenje we wideojaňlar üçin niýetlenen 20,5 dýuýmlyk sensor ekrany ýerleşýär.

**Seýitmyrat BALLYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.**

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi

BIZIŇ SALGYMYZ:
744007, Aşgabat şäheri,
S.Türkmenbaşy şaýoly 7
Web-saýt: tyy-news.gov.tm
E-mail: tyy-news@sanly.tm
Tel: (+99312) 94-27-68

Gazetiň asyl nusgasy «Türkmeniň ýüpek ýoly» gazetiniň redaksiýasynda taýýarlanyldy

Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi - A2. Möçberi - 4 sahypa. Indeksi - 69424. A-118063. Nusgasy 15396 sany. Bahasy 1 manat 50 teňňe.

Baş redaktoryň w.w. ýe.ýe Ogulkeýik PAŞŞYÝEWA

Gazet 1936-njy ýyldan bäri neşir edilýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.